# ABDYLLA ŞABENDE

Türkmen edebiýatynyň görnükli şahyrlarynyň biride 18 nji asyrda ýaşap geçen Abdylla Şabendedir. Ol takmynan 1720-nji ýylda Wasda eneden bolýar. Şahyr ýaşlygyndan ylymly sowatly bolmak üçin ençeme kitaplary okaýar. Onuň kakasyna Mämi molla diýer ekenler. Mämi molla Şirgazy medresesinede okapdyr. Şahyryň ejesine Döwletbike diýipdirler. Şabende ömrüniň köp bölegini Was, Köneürgenç sebitinde geçiripdir. Şahyr ilki obada mollanyň elinde bilim terbiýe alyp soňra Şirgazy medresesinde okapdyr. Şahyr obadaşy Meňli atly gyz bilen halaşyp durmuş gurypdyr. Olaryň Seýitnazar, Döwletnazar, Sahypnazar, Annameňli atly 4 ogullary bolupdyr. Häzirki wagtda şahyryň nebereleri Daşoguz welaýatynyň dürli etraplarynda ýaşaýar. Şabende şahyryň edebi lakamy almagy barada ençeme rowaýatlar bar. Şahyr ýaşlygyndan

şygyr ýazypdyr. Emma şahyryň otuza golaý goşgusy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Şabende şahyr bolmak bilen bir hatarda bagşy, seýis, syýahatçy hem bolupdyr. Ol öz döreden ajaýyp goşularyny saza salyp toý-tomaşa bezeg beripdir. “Türkmen sazy “ atly kitapda Şabendäniň ajaýyp bagşy, sazanda bolandygy barada gürrüň edilýär. Şabendäniň seýislän aty bolsa ýaryşlarda saýlanyp baýrak alypdyr. Şahyr Eýranyň birnäçe şäherlerine syýahat edipdir. Onuň Kawkaz ýurlarynda hem syýahatda bolandygy barasynda maglumatlar bar. Şahyr eden syýahatynyň netijesinde gören eşiden zatlary barada “Syýahatnama” atly eserini döredipdir. Şabende taryh, pelsepe, geografiýa, etnografiýa ýaly ylymlardan baş çykarypdyr. Halk arasynda bar bolan rowaýatlara görä şahyr Magtymguly, Kemine, Talyby ýaly şahyrlar bilen dostana gatnaşykda bolupdyr. Şabendäniň “Gül-Bilbil”, “Şabähram” “Hojamberdi han” ýaly dessanlary hem bar.

Şahyryň “Kem biler”, “Aşy bolmasa”, “Ynsan ugraşsa”, “Haty ýagşydyr”, “Tyla seniň yşgyňda”, “Peri gördüm”, “Jepa eýledi”, “Meňli”, “Dört gözel”, “Gözelim” ýaly ajaýyp goşgular bar. “Tylla seniň yşgyňda”, “Gözelim” ýaly goşgularynyň nähili dörändigi barada halk arasynda ençeme rowaýatlar bar.

“GÖZELIM” goşgusy.

Seýle çyksaň, nigärim, bezenip ýaşyl-aly,
Her sözüň müň tümendir, bakyşyň hun bahaly,
Şirin bile ol Perhat çekdi ança webaly,
“Leýli” diýip, ol Mejnun boldy diwana däli,
Warka aşyk”Gülşa” diýip, ötdi jöwri jepaly,
Zöhre, Tahyr çyrmaşyp, çykdy serwi nahaly,
Arzy bilen ol Gambar bir-birine wepaly,
Ýusup bile Züleýha geçdi zowky-sapaly,
Seýpelmelek alypdyr söýüp Methaljemaly,
Bizden owal goýupdyr ýedi aşyk bu ýoly,
Ýatsam- gijeler düýşüm, gündüz-köňlüm hyýaly,
Älem görki-guwanjym, serwi-rowan, Gözelim.

Şahyr Abdylla Şabende 1800-nji ýylda 80 ýaşynyň içinde aradan çykypdyr. Halk arasynda toplanan maglumatlaryň birinde Şabendäniň gubury Aşyk Aýdyň piriň kümmetiniň ýanynda bolmaly diýilip aýdylýar.